# Garantga

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Garantga GARANTGA

Ýaňy uka giden çagy illeriň,
Başlandy hysyrdy, öňde iş uly:
Sarap-çytyp bir-birine agajy,
Özünden artany – köne-küşüli,
Geýdirdi,
Tap-taýyn garantgasyny,
Buýsanç bilen, emaý bilen ýaşuly
Dikdi orruk ortarasy mellegiň.
Gullugyň möhleti eňňerä çenli
Başlandy ilkinji güni gullugyň.
Gije garantgasyn garawullady,
Garantga ekini garawullady.
Gerk-gäbe gawun iýjek şagallar
Gorkup,
oňa garaý-garaý uwlady.

Gündiz garantgadan heder etmedik
Guşlar saýasynda saýaladylar.
Garantga eýesiniň was-was başyny
Uzak ýyllap ýelden-uzdan goraglan
Telpegine gonup,
…zaýaladylar.
Görüp göz alnynda bihaýa işi,
Garantga eýesi daşlady guşy.
Başyndan jüp aýlap atdy sapany,
Günortan düýşüni alýan mahaly
Çagalaryň eli kesek tutany
Daşlady garantgaň gaba başyny,
Agaç el-aýagyn,
agaç döşüni.
Ukusy bozuldy,

sögündi biçen,
Kesekläp kowlady «bezzat goşuny».
Gorady,
geçirdi ol uzak günün,
Garantgany – gije höwür, hemdemin.

Gije garantgasyn garawullady,
Garantga ekini garawullady.
Garantgañ başyny yrady şemal,
Garantgañ goluny galgap şuwlady.
Gündiz oba gelip bilenok şagal,
Gije gorkup,
garap,
gargap uwlady.

Amanmyrat BUGAÝEW. Goşgular